# Bedewler

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bedewler Kyssadaky goşgular

▶ BEDEWLER

Gülli baýyrlaryň üstünde gylýal sürüsi görünýär. Olar daşdan seretseň, uçup gitjek guşlara meňzeýärler, gaýnap, çogup duran maýsaly meýdanlara, suwa barýan gyzlara meňzeýärler.
Olaryň gaýmak deý aýaklary ýere degmeýän ýaly. Howada gaýyp ýören perişdelere meňzeş gyr bedewler, uz bedewler, dor bedewler, ýaz bedewler… Olaryň aýaklarynyň owazy asyrlary ýaryp çykan ýaň, ahy-nala, ýörişleriň dabaraly heňi bolup eşidilýär. Bedewleri göreniňde, heniz ellenmedik güller ýaly näzik, mylaýym mukamlara batyp oturan Aziýa, gadymy, gözel gyz deý Aziýa, mähriban, eziz Ata ýurt, sähraýy türkmen obasy, Watanyň million ýürekli aýdymlary, gözýetmez ýaýlalar ähli bezegi, gaýgysy-aladasy, şöhraty-şany, ahy-nalasy, geçmişi, geljegi bilen bir pursat göz öňünde janlanyp gidýär, pederleriň öçmez ruhy bedewlere siňip gaýdyp gelen ýaly bolýar, tamdyra, tamdyr, ojat otly ojak bedewleriň göwsünde lowurdap, Gün bilen bäsleşip duran ýaly bolýar… Keteniniň bozgunç ysy burnuma urup, duýgularyň däli, serhoş bolup, kalbyň dilli tüýdüge öwrülip, owazlaryň ajabyny janyňa goşup çalyp başlaýar.
Baýyrlaryň üstündäki bedewler…
Säherleriň ak süýdi siňen näzli mukamlar deý mylaýym, ýeller deý öwüsýän, söýgi deý gözel, gelin deý owadan, dünýä deý baky, daglar deý beýik, guw ganatly, ak öý deý imrindiriji, ýar gujagy deý sapaly, umman deý giň, guşlar deý uçup barýan perişde bedewler, ak gyz bedewler…
Baýyrlaryň üstündäki bedewler…
Gumly, sähraly, Arşly, dagly, düzli bedewler, eşidiň!
Size ynsanyň ýürek ýagy siňipdir, gözýaşy damypdyr, söýgüsi janyňyza ornapdyr. Ynsan söwer ýaryna, wepadar hemdemine

deñäp, gözüniñ göreji ýaly görüpdir. Ynsan sizi ajy deri, Aýyñ parçasy, güneşiñ eýerleri, gözýaşlary, säheriñ çygy, dirilik suwy, sähra gülleriniñ baly bilen ýuwupdyr. Ynsan size suw deregine bal, ot deregine gül, ýumurtga berip, guş çagasyny saklan ýaly, gözlerinden suw içirip, bedeniñizi günde müñ gezek sypalap, bagtyna baş, öýüne tug, depesine täç edip, ogul-gyzyndan, janyndan ileri görüp saklapdyr.
Şonuñ üçinem, siz million öwsüp, gelin kürtesini ýada düşürip, pynhan duýgulary elendirip, gyz alkymyny, ýakymyny dünýä çaýyp dursuñyz, behişdiñ hüýri bedewler, ynsanyñ ýary bedewler, säheriñ agy bedewler, ýürekleñ ýagy bedewler!

Hemra HAÝTJANOW. Hekaýalar